# IŞ BERIJI ÜÇIN GOLLANMA

## (boş iş orunlaryny hödürleýän iş berijiler üçin IŞ ÜPJÜNÇILIK PORTALYNY ulanmagyň düzgüni)

### I. IŞ ÜPJÜNÇILIK PORTALYNDA bellige alynmak

1.1. Internet ulgamynda şu salgy boýunça sahypany açyň http://mlsp.gov.tm/tm/home




1.2. PORTALY ULANYJYLARYŇ YLALAŞYGY salgylanma basyň.



1.3. YLALAŞYGYŇ mazmuny bilen tanşyň.




1.4. Ylalaşygyň şertleri bilen razylaşýan bolsaňyz, "Ylalaşýaryn" düwmesini basyň (eger-de razylaşmaýan bolsaňyz, saýtdan çykyň).




1.5. "Iş berijini bellige almak" düwmesini basyň.



1.6. Şahsy e-mail bukjaňyzy ýazyň, açarsözärediň we giriziň, soňra “Registrasiýa” düwmesini basyň.




Öz islegiňize görä, açarsözüňizi şahsy kompýuteriňiziň ýadynda saklap bilersiňiz. (eger-de brauzer ýatda saklamagy teklip etse)




Saýt şu görnüşdäki habary görkezer:




1.7. Şahsy elektron bukjaňyzy (e-mail) barlaň, gelen haty açyň.




1.8. "Confirm" salgylanma basyň.



1.9. Siz IŞ ÜPJÜNÇILIK PORTALYNYŇ “Autentifikasiýa” sahypasyna ýollanarsyňyz. Bu ýerde Siz portala girip bilersiňiz (e-mail we açarsözi girizip, “Girmek” düwmesini basmaly)




## II. IŞ BERIJINIŇ KARTOÇKASYNY DOLDURMAK

2.1. Bellige alyşdan soň, Portalda “Boş iş ornuny teklip edýän iş berijiniň otagy” goşmaça sahypa peýda bolar. “Meniň kartoçkamy we boş iş ornuny görkezmek” düwmesini basyň.




<u>Bellik:</u> mundan beýläk bellige alnan Iş beriji “Şahsy otagyna” girýär we ondan çykmak üçin ekranyň sag tarap ýokarky burçunda adam şekilindäki surata basýar.



2.2. "Iş berijiniň maglumatlaryny gözden geçirmek" penjirede "Redaktirlemek" salgylanmany basyň.




2.3. "Iş berijiniň kartoçkasyny redaktirlemeli" atly açylan tablisanyň boş öýjüklerini Siziň edaraňyz baradaky hakyky maglumatlar bilen doldurmaly. “Çap edilen" öýjügiň deňinde “bellik” goýuň. Şeýle etmek bilen, Siz iş gözläp Portalda bellige alnanlar üçin bu maglumatlary görmäge mümkinçilik döredýärsiňiz. Ýatda saklamak üçin “Goramak” düwmesini basyň.




Kartoçkany ýatda saklanymyzdan soň, boş iş orunlary baradaky bildirişleri ýerleşdirmäge başlap bilersiňiz.

## III. IŞ BERIJINIŇ RESMI TASSYKLANMASY

3.1. **ÜNS beriň!!!** Iş beriji baradaky maglumatlar ýerleşdirilenden soň, boş iş orunlary baradaky bildirişleri doldurmaga başlap bilersiňiz.




Emma görşüňiz ýaly, “Resmi taýdan tassyklamak” öýjüginde "-" belgisi bar.




Bu öýjügi diňe Portalyň administratory siziň maglumatlaryňyzy barlanyndan soň, işjeňleşdirip biler. Resmi taýdan tassyklatmak üçin zerur resminamalaryňyzy ýerlerdäki iş üpjünçilik bölümlerine ýüz tutup bilersiňiz.

Döwlet iş üpjünçilik gulluklarynyň salgylary Portalyň “Iş üpjünçilik gullugy” sahypasynda ýerleşdirilendir.



Iş berijiniň kartoçkasynyň aşaky iki öýjüginde hem "**+**" belgi bolan ýagdaýynda Portalda siziň bildirişleriňiz görlüp başlanar.




## IV. BOŞ IŞ ORUNLARY BARADA BILDIRIŞLERI ÝERLEŞDIRMEK

4.1. Sizde bar bolan boş iş orunlary baradaky maglumatlary ýerleşdirmek üçin “Iş berijiniň maglumatlaryny gözden geçirmek” penjiresinde “Boş iş orunlary goşmak” düwmesine basyň.




4.2. "Boş iş orny döretmek" penjirede ähli öýjükleri dolduryň. Eger-de sizde bar bolan boş iş orny iş gözleýänleriň görmegini isleseňiz, onda “Çap edilen” öýjügiň deňinde “bellik” alamatyny goýuň. Maglumatlary ýatda saklamak üçin “Goramak” ("Save") düwmesini basyň.




Siz özüňize degişli bolan boş iş orunlary baradaky maglumatlaryňyzy redaktirläp ýa-da aýryp bilersiňiz.

## V. GEREKLI IŞGÄRLERI SAÝLAMAK

5.1. Siz Portalda hödürlenýän iş gözleýänleriň maglumatlaryny görüp bilersiňiz. Bellige alnan iş berijiler iş gözleýänleriň ähli maglumatlaryny, şol sanda habarlaşmak üçin salgylaryny hem görmek mümkinçiligine eýedirler. Sizde gyzyklanma döreden boş iş ornuna dalaşgär iş gözleýän bilen jaňlaşyp bilersiňiz.
5.2. Portal işgärleri saýlamak bilen meşgullanmaýar hem-de Siziň iş gözleýänler bilen özara gatnaşyklaryňyzda araçy bolup çykyş etmeýär.

=============================================================

Portaldan peýdalanan wagtyňyz hökmany suratda “Portaly ulanyjylaryň Ylalaşygyny” berjaý ediň. Ylalaşygyň şertleri berjaý edilmedik ýagdaýynda siziň şahsy hasap ýazgyňyz blokirlener.
Eger-de Portalyň hyzmatlaryndan peýdalanmak zerurlygy aradan aýrylsa, “Çap edilen” öýjüginiň deňinde “bellik” alamatyny aýyrmagy ýa-da şahsy hasap ýazgyňyzy aýyrmagy unutmaň.

=============================================================

Üstünlik hemraňyz bolsun!